# Kompýuter sowadynyň esaslary

PICTT Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Halkara Ösüş Agentligi tarapyndan maliýeleşdirilýär (USAID) we Halkara Ylmy Barlag we alyş-çalyşlar boýunça geňeş (IREX) tarapyndan gözegçilik edilýär.

# Mazmuny


I. Personal kompýuter (PK) we operasion sistemalar barada esasy düşünje. Windows XP operasion sistemasynda işlemegiň esaslary ................................ 3

A. PK-nyň gurluşy: ................................ 3

B. Windows XP operasion sistemasy bilen işe başlamak we işi tamamlamak: ................................ 4

C. Windows XP – de syçan bilen işlemek ................................ 5

D. Klawiatura bilen işlemek ................................ 5

II. Windows XP operasion sistemasynda işlemek. Maglumatlary saklamagyň ýollary ................................ 7

A. Iş stoly we onuň gurluşy: ................................ 7

B. Esasy we kontekst menýulary ................................ 8

C. Meseleler paneli ................................ 8

D. Penjireler bilen işlemek: ................................ 8

E. “*My Computer*” belligi: ................................ 9

F. Faýllar sistemasy: ................................ 10

G. Bukjalar we faýllar bilen geçirilýän esasy operasiýalar ................................ 10

III. Faýllary gözlemek ................................ 13

A. Faýllary gözlemek: ................................ 13

IV. Windows XP OS-nyň goşmaçasy ................................ 15

A. Kalkulýator: ................................ 15

V. Faýllary arhiwirlemek (7-zip-de arhiwirlemegi üýtgetmek). ................................ 16

A. Täze arhiwi döretmek ................................ 16

B. Faýllary arhiwden boşatmak ................................ 17

C. Arhiwi görmek ................................ 17

VI. Antiwirus goragynyň serişdeleri ................................ 18

# I. Personal kompýuter (PK) we operasion sistemalar barada esasy düşünje. Windows XP operasion sistemasynda işlemegiň esaslary.

## A. PK-nyň gurluşy:



🡐 Monitor

🡐 Syçan

🡐Klawiatura

Personal kompýuter şu aşakdaky gurluşlardan düzülendir:

**Monitor** (ekran ýa-da displeý) – bu kompýuteriň esasy görnüp durýan bölegi bolup durýar, ýagny kompýuter diýlende esasy monitor göz öňüne gelýär, sebäbi ony stoluň aşagynda gizlemeýärler.

**Sistema blogy** (prosessor) – dörtburçly gap bolup, onda kompýuteriň işlemegi üçin ähli esasy bölekler ýerleşdirilendir. Ol adatça monitoryň aşagynda ýa-da gapdalynda goýulýar. Sistema blogy şu aşakdakylary öz içine alýar: **prosessor** — bu hasaplamagy başarýan «demirdir»; **huş** (köp halatda oňa OÝSG – *operatiw ýatda saklaýjy gurluş* diýilýär) — onda siziň işleýän döwrüňizde gerek boljak programma üpjünçiliginiň işlemegi üçin zerur bolan ähli maglumatlar saklanýar (kompýuter öçürilenden soň huşdaky ähli maglumatlar bozulýar); **gaty disk**, ýa-da **winçester** (HDD), onda häzirki wagtda ulanylmaýan ähli maglumatlar ýerleşýär, ýagny ol maglumatlar kompýuter öçürilenden son hem köp wagtlap saklanýar.

**Klawiatura** – bu gurluş kompýutere maglumatlary girizmek üçin hyzmat edýär. Onda 101/102 sany düwmeler ýerleşdirilendir (funksional düwmeler, sifrler, harplar we ş.m.).

**Syçan** – bu gurluş kompýuterde işlemekligi ýeňilleşdirýär. Onda 2, 3 ýa-da ondan hem düwmeler ýerleşdirilip, edil janly syçany ýadyňa salýar. Olaryň simli we simsiz görnüşleri bardyr.

Sistema blogynyň düzümine şu aşakdaky gurluşlar hem degişlidir:

- diskowod (floppy disk drive, FDD-getirilme) – bu disketalar bilen işlemek üçin gurluşdyr (floppy disk);
- kompakt diskleri üçin diskowod (CD/DVD-ROM drive);
- birnäçe portlar (port) – bu kompýutere goşmaça gurluşlary birikdirmek üçin ýörite ýerler ýa-da razýomlar.

Köp ulanylýan goşmaça gurluşlar:

- **printer** – çap ediji gurluş (2-nji surat);
- **skaner** – şekilleri kompýutere girizmek üçin gurluş (3-nji surat);
- **proýektor** – kompýuterdäki prezentasiýalary ulaldyp diwarda şekillendirmek üçin ulanylýan gurluşdyr (4-nji surat);
- **modem** – telefon liniýasy arkaly beýleki kompýuterler bilen baglanyşmak üçin gurluşdyr (5-nji surat);
- we ş.m.

| | | | |
|---|---|---|---|
|  рис.2 |  рис.3 |  рис.4 |  рис.5 |

## B. Windows XP operasion sistemasy bilen işe başlamak we işi tamamlamak:

Kompýuteri işletmek adatça sistema bloguň öň tarapynda ýerleşýän Power ( ) düwmesiniň basylmagy arkaly amala aşyrylýar. Kompýuter işe goýberilenden soň Windows XP operasion sistemasy işe goýberilýär. Ilkinji delil hökmünde monitora ulanyjynyň adyny we parolyny soraýan penjire çykýar (6-njy surat). Maglumatlar dogry girizilenden soň sistema size kompýutere girmäge rugsat berýär. Maglumatlar dogry girizilmedik ýagdaýynda kompýutere girmäge rugsat berilmeýär.




**6-njy surat**

Kompýuter öçürilende ýa-da operasion sistemanyň işi tamamlanylanda ätiýaçly bolmaly. Sebäbi kompýuteri öçürmek bilen sistemadan çykmak bolmaýar. Bu ýagdaýda näsazlyk ýüze çykar we maglumatlar ýitiriler.

Kompýuteri aşakdaky görkezilýän tertipde öçürmeli:

1. Ilkinji nobatda ähli açyk dokumentleri ýatda saklamaly. Soňra ähli işe goýberilen programmalary ýapmaly;




**7-nji surat**




**8-nji surat**

2. **[Пуск]** düwmesini basyň we **Отключение** (öçürmek) (7-nji surat) belgisini basyň. Ekrana **Выключить компьютер** (kompýuteri öçürmek) (8-nji surat) atly gepleşik penjiresi çykar. Kompýuteri öçürmek üçin **[Выключение]** (söndürmek) düwmesini basmaly;

3. Eger siziň kompýuteriňiziň modeli täze bolsa, onda ol awtomatiki ýagdaýda dolulygyna söndürilýär. Garşylykly ýagdaýda kompýuteriňizi söndürmäge rugsat berýän penjiräniň ýüze çykaryna garaşmaly bolarsyňyz.

## C. Windows XP – de syçan bilen işlemek

Häzirkizaman syçany bolmanda iki düwmeden we rolikden ybarat bolýar. Kompýuterde ýerine ýetirilýän hereketleriň köpüsi ekranda obýekti görkezmek we syçanyň düwmelerini basmak arkaly amala aşyrylýar. Obýekti görkezmek üçin syçanyň görkezijisi ekrandaky gerekli obýektiň üstünde durmaly. Aşakda syçanyň adaty ýerine ýetirýän herketleri we funksiýalary getirilýär:







9-sur

- **[ÇD]** (*syçanyň çep düwmesini bir gezek basmak*) – obýektleri bellemek, gepleşik penjiredäki düwmeleri basmak;
- **2x[ÇD]** (*syçanyň çep düwmesini yzygider iki gezek basmak*) – programmalary işe goýbermek we penjireleri açmak;
- **[SD]** (*syçanyň sag düwmesini bir gezek basmak*) – kontekst menýunyň ýüze çykmagy (9-njy surat);
- **[Rolik]** dokumentlerde sahypalary geçirmek funksiýasyny amala aşyrýar, düwmeler bilen bilelikde ulanylanda masştaby üýtgetmek mümkinçiligi bar we ş.m. Köp halatda rolik basmak funksiýasyna eýedir, ýagny goşmaça düwmäniň funksiýasyny ýerine ýetirýär.

## D. Klawiatura bilen işlemek




**10-njy surat**

Kompýuteriň klawiaturasy ortaça 101/102 düwmelerden düzülendir (10-njy surat). Ähli düwmeler toparlar boýunça paýlanandyr, olaryň her biriniň öz wezipesi bardyr. Ýekelikde basylmaýan düwmeler (kömekçi düwmeler) hem bardyr. Olar beýleki düwmeler bilen bilelikde basylmagy kesgitli buýruklary ýerine ýetirýärler. Käbir klawiaturalar suratly düwmeleri hem saklaýar.

**<u>1. Düwmeleriň esasy toparlary:</u>**

- **[A]-[Z], [1],[2],…,[0] –** Elipbiýli-sifrli düwmeler;
- **[Tab]** – Tabulýasiýa düwmesi, kursory birnäçe pozisiýa saga süýşürmek üçin niýetlenendir. (kursor-bu ýanyp-öçüp durýan taýajykdyr (|), ol indiki simwolyň giriziljek ýerini görkezýär);
- **[Caps Lock]** – bu düwme bir gezek basylmagy bilen harplary baş harplar bilen ýazýar;
- **[Shift]** – ýokarky registr düwmesi;
- **[Ctrl], [Alt]** – dolandyryjy düwmeler, olar beýleki düwmeleriň niýetlenilişini üýtgetmek üçin ulanylýar;
- [] – esasy menýuny çagyrýan düwme;
- [] – kontekst menýuny çagyrýan düwme.
- **[Enter]** –komandalary girizýän düwme;
- **[Backspace]** – kursoryň çep tarapynda ýerleşýän simwoly bozmak;
- **[Space]** – probeli girizýän düwme;

**2. Kursory dolandyrýan düwmeler:**

- **[←], [↑], [→], [↓] –** kursoruň degişli ugryny görkezýän düwmeler: ýokary, aşak, çepe, saga;
- **[PgUp]**, **[PgDn]** – degişlilikde bir sahypa ýokary/aşak süýşürmek düwmesi;
- **[Home]**, **[End]** – degişlilikde kursory setiriň başyna we ahyryna süýşürmek;
- **[Delete]** – kursoryň çep tarapyndaky simwoly ýok etmek (ýa-da kursoruň üstündäki);
- **[Insert]** –goýmak/çalşyrmak kadalaryna geçiş düwmesi: simwoly süýşürip girizmek (goýmak) we simwolyň ýerine girizmek (çalşyrmak).

**3. Kömekçi düwmeler:**

Kömekçi düwmeler sifrler we kursory dolandyrýan funksiýalar bilen bilelikde bir düwmede ýerleşdirilip, adatça klawiaturanyň sag tarapynda ýerleşýär. Sifr kadasynda sifrleri ýazmak bolýar; kursory dolandyrmak kadasynda ol düwmeleriň funksiýalary adaty kursory dolandyrýan düwmeleriň funksiýalary bilen gabat gelýär. Bir kadadan beýleki kada geçmek üçin **[Num Lock]** düwmesi ulanylýar.

**4. Funksional düwmeler:**

- **[F1] – [F12]** – funksional düwmelerdir: olar ýygy-ýygydan ulanylýan buýruklary ýerine ýetirýär. Dürli programmalarda olar dürli funksiýalary ýerine ýetirýärler;

**5. Ýörite düwmeler:**

- **[Print Scrn]** – ekranyň durkuny bufer çalşygynda saklamak üçin ulanylýar;
- **[Pause | Break]** – programmany wagtlaýynça togtatmak düwmesi.

**Soraglar:**

- PK-nyň esasy gurluşlary haýsylar?
- Printer näme üçin gerek?
- PK-ny öçürmegiň yzygiderligini beýan ediň.
- Syçanyň çep düwmesiniň bir gezek basylmagy bilen nähili funksiýany ýerine ýetirýär?
- Klawiaturadaky düwmeleriň toparlaryny aýdyp beriň.

**Ýumuşlar:**

1. PK – ny işe goýberiň we öçüriň.
2. Syçanyň kömegi bilen kontekst menýuny çagyryň, bukjany açyň, «ПУСК» menýusyny açyň.
3. Klawiaturadan kabul edilýän dili rus dilinden türkmen diline we tersine çalşyň.
4. Diňe baş harplaryň ýazylmagyny üpjün edýän düwmäni işewür ýagdaýda goýuň.

## II. Windows XP operasion sistemasynda işlemek. Maglumatlary saklamagyň ýollary.

### A. Iş stoly we onuň gurluşy:

Windows XP operasion sistemasy ýüklenenden we adyňy hem-de parolyňy girizeniňden soň ekrana ilkinji bolup iş stoly çykýar. Ol işlemek ýçin ulanylýan ekranyň oblastydyr.

Iş stolunyň çep böleginde birnäçe belgiler (piktogrammalar) ýerleşdirilendir. Her bir piktogramma öz gezeginde obýekti, bukjany ýa-da programmany aňladýar. Siziň kompýuteriňiz başga görnüşde gurnalan bolmagy mümkin, ýöne adaty iş stolunyň görnüşi 11-nji suratda getirilýär. Iş ştolunda esasy 4 sany esasy belgiler (*Мои документы, Мой компьютер, Сетевое окружение, Корзина*) bar, ýöne belgijikleriň sany çäklendirilmeýär. Eger size iş stolunda ýene-de käbir belgiler gerek bolsa, onda olary döredip bolýar.




**11-nji surat.**

1) **Мои документы** – dokumentleri saklamak üçin ýörite niýetlenen ýer, ýöne ol siziň dokumentleri hökmany diňe şol ýerde saklamaly diýildigi däldir.
2) **Мой компьютер** – kompýuterde bar bolan diskleri görmäge mümükinçilik döredýän we faýllar we bukjalar bilen dürli operasiýalary ýerine ýetirýän (programmany işe goýbermek, kopiýa etmek, faýllary ýerleşdirmek we ýok etmek, bukjalary döretmek we ş.m.) ýörite buýrukdyr.
3) **Сетевое окружение** – lokal tor boýunça birleşdirilen kompýuterleriň diskleriniň düzümini görmek üçin we olaryň üstünde dürli operasiýalary ýerine ýetirmek üçin ulanylýan ýörite buýrukdyr.
4) **Корзина** – ähli ýok edilen papkalaryň we faýllaryň sanawyny saklaýan ýörite bukjadyr.

**[Пуск]** düwmesi – programmalary işe goýbermek, *Мои документы*, *Мои рисунки*, *Моя музыка* we beýleki bukjalary, alnan maglumatlary açmak we sistemany öçürmek üçin niýetlenendir. Windows XP operasion sistemasyndaky islendik operasiýany **[Пуск]** düwmesiniň ýa-da meseleler paneliniň kömegi bilen ýerine ýetirip bolýar. Iş stolunda hemişe meseleler paneli we **[Пуск]** düwmesi

elýeterlidir. Meseleler paneliniň düwmeleri häzirki wagtda haýsy penjireleriň açykdygyny görkezýär. Beýleki penjirä geçmek üçin meseleler paneliniň düwmesine basmak ýeterlikdir.

## B. Esasy we kontekst menýulary

Kontekstli menýu obýektleri dolandyrýan esasy buýruklary saklaýar. Kontekst menýuny çagyrmak üçin syçanyň sag düwmesini bir gezek basmaly. Mysal üçin, eger meseleler panelinde(11-nji surat) syçanyň sag düwmesi basylanda kontekst menýu çykýar(9-njy surat). Ol işewür goşundylaryň penjirelerini dolandyrmak üçin degişli buýruklary saklaýar. Menýudaky buýruklar syçanyň sag düwmesiniň basylmagy bilen saýlanylýar.

**[Пуск]** düwmesine basylanda **Esasy menýu** emele gelýär. Eger menýu setirinde ► ugur görkeziji bar bolsa, onda onuň üstüne syçanyň görkezijisi eltilende ýene-de bir bölek menýu peýda bolar. Goşundyny işe goýbermek üçin onuň adyna basylmagy zerurdyr. Şondan soň goşundynyň penjiresi açylýar. Meseleler panelinde bolsa onuň belgisi bilen düwmejik çykýar. Işewür goşundylaryň arasynda biri-birine geçmek üçin meseleler panelinde degişli düwmeleri basmaly.

## C. Meseleler paneli

Meseleler paneli goşundylary işe goýbermek we özaralarynda biri-birine geçmek üçin niýetlenendir. Ol adatça ekranyň aşaky böleginde ýerleşýär. Meseleler paneli **[Пуск]** düwmesini, işewür goşundylaryň belgilerini we indicatory saklaýar. Işewür goşundy diýip, ulanmak üçin işe goberilen programma aýdylýar. **[Пуск]** düwmesine basylanda esasy menýu çykýar.
Işewür goşundylaryň arasynda biri-birine geçmek üçin **[Alt+Tab]** düwmeleriň kombinasiýasy ulanylýar. Bu kombinasiýany ulanmak üçin ilki bilen **[Alt]** düwmesini basyp soňra **[Tab]** düwmesini basmalydyr. Ekranyň merkezinde işewür goşundylaryň düwmejikleri peýda bolar. **[Alt]** düwmesini basyp saklamaklygy dowam etdirip gerekli belginiň daşy bellenýänçä **[Tab]** düwmesini basmaly we **[Alt]** düwmesini goýbermeli.

## D. Penjireler bilen işlemek:




**12-nji surat**

**“Windows”** iňlis sözünden terjime edilende “penjireler” diýmekligi aňladýar. Ýöne bu programmada öýdäki penjireler ýaly daşaryny görüp bilmersiň. “Kompýuter penjireleri” birazajyk hakyky penjireleri ýatladýar. Olara edil öýdäki penjireler ýaly ýüzlenilýär: açmak we ýapmak. Kähalatlarda bolsa olary ýygnap, ýerini üýtgedip, işewür görnüşe getirip hem bolýar. Şeýle soragyň ýüze çykmagy mümkin:”Nädip penjireleri üýtgetmeli?”. Ol bolsa örän ýönekeý amal aşyrylýar. Olaryň ählisi syçanyň görkezijisi bilen penjiräniň sag ýokarky künjeginde ýerleşýän ýörite düwmeleriň basylmagy bilen ýerine ýetirilýär (12-nji surat).

 - penjiräni ýygnamak üçin düwme. Ýygnalan penjire açyklygyna galýar we meseleler panelinde oňa degişli düwme emele gelýär.  - penjiräni mümkin bolan iň uly ölçege çenli ulaltmak düwmesi.  - penjiräni başlangyç durkuna gaýtarmak düwmesi.  - penjirüni ýapmak düwmesi.

Penjiräni gurnama (12-nji surat)…

a. **Atly setir** – bu setirde bukjanyň ady ýa-da işleýän ýaýlaňyz görkezilýär. Şeýle hem onda 3 sany düwme yzygiderlikde ýerleşendir (ýygnamak, ýaýmak we ýapmak);
b. **Menýu setiri** – degişli buýruklary (faýllary kopiýa etmek, ýaýlanyň görnüşini üýtgetmek, kömek we ş.m.) özünde saklaýan klaslar boýunça paýlanan menýular ýerleşdirilendir;
c. **Gurallar paneli** –onda buýruklary ýerine ýetirýän düwmeler ýerleşdirilendir (gözleg, bukjalar, yza dolanmak we ş.m.);
d. **Salgylar setiri** – onda häzirki wagtda ulanylýan bukjanyň salgysy çykýar;
e. **Işçi ýaýla** – obýektleri ýerleşdirmek üçin ýer (tekstler, suratlar, belgiler we ş.m.) we olaryň üstünde işlemek;
f. **Ýagdaý setiri** – ýagdaý indikatorlary ýerleşdirilendir.

Penjiräniň ölçeglerini üýtgetmek üçin syçanyň görkezijisini onuň gapdal çäklerine ↔ ýa-da ↕ belgilere öwrülýänçä süýşürmeli (12-nji surat). Soňra syçanyň çep düwmesini basyp gerekli ugra süýşürmeli.

Penjiräni süýşürmek üçin syçanyň görkezijisini at setirine getirmeli (12-nji surat), soňra syçanyň çep düwmesini basyp penjiräni süýşürmeli.

## E. “*My Computer*” belligi:




**13-nji surat**

Öň bellenilip geçilişi ýaly **Мой компьютер** (13-nji surat) belligi kompýutere birikdirilen diskowodlary we aksesuarlary dolandyrmak üçin niýetlenendir. Mysal üçin : çeýe diskleriň diskowody, gaty disk, kompakt diskleriň diskowody, syçan, klawiatura, monitor we şuňa meňzeşler.

1) **Disk 3.5 (A:)** – çeýe diskleriň diskowody çeýe diskleriň düzümini barlamak, ýazgy ýazmak we düzümindäki maglumatlary ýok etmek üçin niýetlenendir;
2) **Local Disk (C:), (E:)** – gaty disk, ol kompýuteriň maglumatlaryny saklaýjydyr. Kompýutere ýazýan ähli maglumatlaryňyz onda saklanýar;
3) **DVD-RAM diskowod (D:)** – kompakt diskleriň diskowody kompakt diskleriň düzümini barlamak üçin niýetlenendir;
4) **Панель управления** – kompýutere birleşdirilýän aksesuarlary gurnamak üçin niýetlenendir.

## F. Faýllar sistemasy:

Kompýuterde esasy iki sany düşünje bar: *faýl* (**file**) we *bukja* (**folder**). ***Faýl*** – diskde informasiýany saklamak üçin atlandyrylýan ýer. Her bir faýlyň ady we giňeltmesi bardyr. Giňeltme faýlyň tipini görkezýär. Faýlyň ady 255 simwola çenli bolup biler, giňeltmesi bolsa 4 simwola çenli bolup biler. Faýlyň adynda we giňeltmesinde şu aşakdaky simwollary ulanmak bolmaýar:

*** ? \ / | : < > "**

Faýlyň adynyň öňünden onuň belgisi durýar, ýagny ol faýlyň giňeltmesini görkezýär. Giňeltme onuň adynyň yzyndan nokatdan soň geýär. Durmuşda faýly edil kagyz listi, kitap, gazet, surat, dokument we şuňa meňzeşler ýaly göz öňüne getirilýär. (14-nji surat)
Käbir kesgitli faýllaryň belgileriniň we giňeltmeleriniň mysallary:



**14-nji surat**

 Word-yň dokumenti: ***.doc**  Şekil: ***.jpg**

 Excel tablisasy: ***.xls**  Web synçy: ***.htm, *.html**

 Görkeziş: ***.ppt**  Wideorolik: ***.dat, *.avi, *.mpeg**

Şeýle hem standart bolmadyk we nätanyş giňeltmeler bilen berilýän faýllar hem bardyr. Eger sistemada bu hili faýllar bar bolsa, onda olaryň belgisi sag tarapdaky ýerleşýän suratdaky ýaly görnüşde bolar.



***Bukja*** – bu faýllary saklamak üçin we özüne meňzeş bukjalary saklamak üçin ýerdir (15-nji surat). Sistemada bukjanyň belgisi birmeňzeşdir, 16-njy surata serediň. Beýleki bukjalaryň içinde ýerleşýän bukjalara bölekbukjalar diýilýär we olaryň agaç görnüşli gurluşy 17-nji suratdaky ýaly görnüşde bolýar. Durmuşda bukja içi goşdan doldurylan gap ýalydyr (15-nji surat).



**15-sur**



**16-sur**




**17-sur**

Bukjanyň düzümini görmek üçin ýa-da faýly açmak üçin şu aşakdaky buýruklaryň birini ýerine ýetirmeli:

- Belginiň üstüne baryp syçanyň çep düwmesini iki gezek yzygider basmaly;
- **[SD]➔Open**
- **[ÇD]** bilen belgini bellemeli we **[Enter]** düwmesini basmaly.

## G. Bukjalar we faýllar bilen geçirilýän esasy operasiýalar

### 1. Bukjalary döretmek:

Kompýuterde döredilýän bukjalaryň mukdary gaty diskiň göwrümine baglydyr. Bukjalar dokumentleri tertipleşdirmek üçin niýetlenendir. Ýagny birmeňzeş tipli dokumentleri bir bukjada ýerleşdirmek, beýlekileri başga bir bukjada ýerleşdirmek bolýar. Mysal üçin, tekst dokumentleri, suratlar, sazly faýllar, klipler we ş.m. Bukjalary iş stolunda, lokal disklerde we disketalarda döredip bolýar. Bukjalary döretmek üçin şu aşakdakylaryň birini ulanmak ýeterlikdir:

- Menýu setirinden yzygiderlikde **Файл » Создать » Папку** buýrugyny ýerine ýetirmeli.
- Kontekst menýudan peýdalanyp, **[SD] → Создать → Папку** buýrugyny ýerine ýetirmeli.

### 2. Bukjalaryň we faýllaryň adyny üýtgetmek:

Bukjalara we faýllara goýulýan atlar olaryň manylary bilen gabat gelmeli, ýagny faýllara gabat gelen ady goýmaly däl, mysal üçin: faýl1, faýl5 ýa-da 125. Döreden faýllaryňyzy gözlemek aňsat bolar ýaly olara manysy boýunça at goýmaly. Bukjalaryň ýa-da faýllaryň adyny üýtgetmek üçin şu aşakdaky buýruklardan peýdalanmaly:

- Bukjany ýa-da faýly bellemeli we **[F2]** düwmäni basmaly;
- Syçanyň görkezijisini gerekli bukjanyň ýa-da faýlyň üstüne getirmeli we **[SD] →Переименовать** buýrugyny ýerine ýetirmeli;
- Bukjany ýa-da faýly bellemeli, soňra **Файл » Переименовать** buýrugyny ýerine ýetirmeli.

### 3. Bukjalaryň we faýllaryň ýerini üýtgetmek we kopiýasyny almak:

Käwagtlar bukjalaryň ýa-da faýllaryň ýerini üýtgetmeli ýa-da disketa göçürmeli bolýar. Şeýle hem bukjalaryň ýa-da faýllaryň kopiýalaryny döretmek zerurlygy hem ýüze çykýar. Bukjalaryň ýa-da faýllaryň ýerini üýtgetmek ýa-da kopiýasyny almak üçin aşakdaky getirilýän buýruklaryň haýsyda bolsa birinden peýdalanmaly:

- Ýerini üýtgetmek üçin:
  - Faýly(faýllary) ýa-da bukjany(bukjalary) bellemeli, birwagtda **Ctrl+X** düwmeleri basmaly, soňra gerekli ýere geçmeli we birwagtda **Ctrl+V** düwmeleri basmaly;
  - Faýly(faýllary) ýa-da bukjany(bukjalary) bellemeli, **Правка » Вырезать** buýrugyny ýerine ýetirmeli, soňra gerekli ýere baryp **Правка » Вставить** buýrugyny ýerine ýetirmeli;
  - Faýly(faýllary) ýa-da bukjany(bukjalary) bellemeli, **[SD] → Вырезать** buýrugyny ýerine ýetirmeli, soňra gerekli ýere baryp **[SD] → Вставить** buýrugyny ýerine ýetirmeli;
- Kopiýa etmek üçin:
  - Faýly(faýllary) ýa-da bukjany(bukjalary) bellemeli, birwagtda **Ctrl+ C** düwmeleri basmaly, soňra gerekli ýere geçmeli we birwagtda **Ctrl+V** düwmeleri basmaly;
  - Faýly(faýllary) ýa-da bukjany(bukjalary) bellemeli, **Правка » Копировать** buýrugyny ýerine ýetirmeli, soňra gerekli ýere baryp **Правка » Вставить** buýrugyny ýerine ýetirmeli;
  - Faýly(faýllary) ýa-da bukjany(bukjalary) bellemeli, **[SD] → Копировать** buýrugyny ýerine ýetirmeli, soňra gerekli ýere baryp **[SD] → Вставить** buýrugyny ýerine ýetirmeli.

### 4. Faýllary ýok etmek we dikeltmek:

Öň belläp geçişimiz ýaly ýok edilen bukjalar we faýllar **Корзина** belgisinde saklanýar. **Корзина** arassalanmadyk ýagdaýynda ýok edilen bukjalary we faýllary dikeltmek mümkinçiligi bardyr. Bukjany ýa-da faýly ýok etmek üçin şu aşakdaky buýruklaryň birini ýerine ýetirmek ýeterlikdir:

- Faýly ýa-da bukjany bellemeli, klawiaturadan **[Delete]** düwmesini basmaly we ýok edilmegini tassyklamaly;
- Faýly ýa-da bukjany bellemeli, **Файл » Удалить** buýrugy ýerine ýetirmeli we ýok edilmegini tassyklamaly;
- Faýly ýa-da bukjany bellemeli, **[SD]→Удалить**, buýrugy ýerine ýetirmeli we ýok edilmegini tassyklamaly.

Ýok edilen faýllary dikeltmek üçin syçanyň görkezijisini **Корзина** getirip, **2x[ÇD]** basmaly. Soňra emele gelen penjiredäki sanawdan gerekli faýlyňy tapmaly we ony bellemeli. Soňra aşakdaky buýruklaryň islendik birini ýerine ýetirmeli:

- **Файл » Восстановить** buýrugy ýerine ýetirmeli;
- **[SD] → Восстановить** buýrugy ýerine ýetirmeli.

**Soraglar:**

1. Iş stolunda esasy belgileri aýdyp beriň.
2. Penjireler bilen nähili operasiýalary geçirip bolýar?
3. Birleşdirilen fleşkalaryň, goýlan diskleriň we ş.m. düzümini nädip barlamaly?
4. Faýllaryň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?
5. Bukjalary biri-biriniň içinde goýup bolýarmy?
6. Bukjalaryň, faýllaryň adyny üýtgetmek prosesini beýan ediň.
7. Faýllary fleşka kopiýa ediň, faýllary fleşka göçüriň.

**Ýumuşlar:**

1. «Мой компьютер» belgini açyň, ony tutuş ekrana ýaýyň.
2. Iş stolunda «Мои документы» we «Мой компьютер» belgileriniň penjirelerini açyň.
3. «Моих документах»-de ýerleşýän tekst dokumentlerini açyň.
4. Iş stolunda bukja dörediň we oňa «ICIML» diýip at beriň. Döredilen bukjada ikinji bukjany dörediň we oňa «PICTT» diýip at goýuň.
5. «Мои документы»-den faýly ICIML atly bukja kopiýa ediň.
6. Faýlyň dublikatyny dörediň we PICTT bukjasyna geçiriň.
7. ICIML atly bukjany içindäkiler bilen bilelikde ýok ediň.

# III. Faýllary gözlemek

## A. Faýllary gözlemek:

Windows XP OS-da işlemekligiň iň bir wajyp endikleriniň biri hem ýitiren dokumentiňi tapmaklygy başarmakdyr. Kompýuterde bukjalaryň we faýllaryň gözlegini geçirmek üçin ýörite gözleg gurluşy bar. Bu gurluşy işe goýbermek üçin aşakda getirilýän buýruklaryň birini ýerine ýetirilmegi ýeterlikdir:

- **[Пуск] → Поиск**
- Açyk duran penjirede **[F3]** düwmesini basmaly
- Açyk duran penjiräniň gurallar panelinden degişli düwmäni basmaly (19-njy surat)




**19-sur**




**20-sur**

Soňra penjräniň çep tarapynda **Помощник по поиску** ady bilen panel emele geler(20-nji surat), onda şu aşakdaky ýaly opsiýalar ýerleşdirilendir (**Что вы хотите найти?):**

- Изображения, музыку или видео(şekiller, sazlar ýa-da wideo);
- Документы (текстовые файлы, электронные таблицы, и т.д.)(dokumentler(tekstli faýllar, elektron tablisalar we ş.m.));
- Файлы и папки (faýllar we bukjalar);
- Компьютеры или людей (kompýuterler ýa-da adamlar).

- Информацию в центре справки и поддержки (maglumatlary merkezi kömekden we goldawdan gözlemek);
- Выполнить поиск в Интернете (internetde gözlegi ýerine ýetirmek);
- Настроить помощника (kömekçini gurnamak).

**Файлы и папки** opsiýasyny saýlamak. 3 sany meýdançalar emele geler (21-nji surat):
- **Birinji meýdança** faýlyň ýa-da bukjanyň ady ýa-da adynyň bir bölegi girizilýär. Şeýle hem olaryň takmyny adyny, ýagny harplar bilen **"*"** we **"?"** simwollary bilelikde ulanyp girizmek. * belgisi birnäçe simwollary çalşyrýar. "?" belgisi bolsa bir simwoly çalşyrýar.




**21-sur**

Mysallar:

| | |
|---|---|
| name | "name" sözi bilen gabat gelýän ähli faýllar we bukjalar |
| name.txt | "name" ady bile we "txt" giňeltmesi bilen ähli faýllar |
| *.jpg | "jpg" giňeltmesi bilen ähli faýllar |
| smell.* | "smell" ady bilen ähli faýllar |
| ??name.* | Ilkinji iki harpy näbelli bolan we "name" sözüni saklaýan ähli faýllar |
| smash.?? | "smash" ady bilen we 2 sany simwoldan ybarat bolan giňeltmeli ühli faýllar |

- **Ikinji meýdança** tekstden bir sözi girizmek üçin niýetlenendir. Ýagny gözleg faýlyň düzümi boýunça geçirilýär. Mysal üçin, faýlyň ady ýadymyzdan çykyp, ýöne tekstiň käbir bölegi ýadymyza düşýän ýagdaýynda şol söz toplumyny ulanyp gözleg geçirip bolýar.

- **"Поиск в" meýdançasy** – ol gözleg ýerini kesgitlemek üçin niýetlenendir. Meýdançanyň sag tarapynda ýerleşýän ugurjygyň kömegi bilen gaty diskden ýa-da diskowodlardan gözlegiň kesgitli oblastyny saýlap bolýar.

Meýdançalaryň aşagynda goşmaça opsiýalar ýerleşdirilendir (21-nji surat): *Когда были произведены последние изменения* (soňky üýtgeşmeler haçan edildi), *Какой размер файла* (faýlyň ölçegi) we *Дополнительные параметры* (goşmaça parametrler). Olar eger faýlyň degişli parametrlerini ulanyp anyk gözlegleri geçirmek üçin ulanylýar. Eger haýsyda bolsa bir opsiýany ulanmak isleseňiz, onda olaryň üstüne syçanyň görkezijisini getirip basylmagy ýeterlikdir.

**Soraglar:**

1. Dokumentleri gözlemegiň birnäçe usullaryny aýdyň.
2. Dokumentiň adynyň diňe bir sözi boýunça gözleg geçirip bolýarmy?
3. PK-da dokumentleri gözlemek üçin kesgitli ýaýlany saýlap bolýarmy?
4. Ýyldyzjyk simwoly näme aňladýar?
5. Sistema faýlyň şol ýa-da başga tipe degişlidigini nädip kesgitleýär?

**Ýumuşlar:**

1. «Şekilleri, sazlary we wideolary» gözlemek kadasyny işewür ýagdaýa getiriň.
2. Adynda “sanaw” sözüni saklaýan faýllaryň gözlegini geçiriň.
3. Gözlenýän faýly saklaýan bukjany açyň.
4. Tapylan faýllaryň nusgasyny fleşka geçiriň.
5. «Мои документы» bukjadaky ähli suratlary tapyň.

## IV. Windows XP OS-nyň goşmaçasy

### A. Kalkulýator:




**Windows XP** operasion sistemasynda hasaplamalary ýerine ýetirmek üçin esasy goşmaçalarynyň biri bolup Калькулятор çykyş edýär. Kalkulýator iki kadada işleýär (ýönekey we ylmy hasaplamalar). Kalkulýatory işe goýbermek üçin **[Пуск]→Все программы→Стандартные→Calculator** buýrugy ýerine ýetirmeli.

Kadalary çalyşmak üçin menýu setirinden **Вид** menýusyny peýdalanmaly we gerekli kadany saýlamaly.

**Soraglar:**

1. Kalkulýatory nädip işe goýbermeli?
2. Haýsy düwme köpeltmek operasiýasyny ýerine ýetirýär?
3. Netijäni görkezýän penjiräni nädip arassalamaly?
4. Sifrleri girizmegiň we hasaplamalary ýerine ýetirmegiň usullaryny aýdyp beriň.

**Ýumuşlar:**

1. Sifrleriň jemini hasaplaň «25+45».
2. «92 –niň kwadraty» näçe bolýar?
3. 1369 sanyň 25 % -ni hasaplaň.

# V. Faýllary arhiwirlemek (7-zip-de arhiwirlemegi üýtgetmek).

**Arhiwirlemek** – bu, diskde eýeleýän ýerini tygşytlamak üçin bukjalary, faýllary ýa-da faýllaryň toparyny gysmak (gaplamak). Gysylan maglumatlary internediň üsti bilen alyş-çalyş edilende we disketalarda we disklerde maglumatlary saklamakda örän amatlydyr. Maglumatlary arhiwirlemek üçin ýörite arhiwirleýji programmalar ulanylýar. Faýllary arhiwirlemegiň köp ulanylýan usullaryna 7z, arj, zip we rar formatlary degişlidir.

**Windows XP** üçin birnäçe arhiwirleýji programmalar bardyr, olar: WinZip, WinRar, 7-zip, Power Archive we ş.m. Bu programmalar beýleki arhiwatorlary hem ulanmak mümkinçiliklerini üpjün edýär. Şonuň üçin eger kompýuterde arhiwirlenen dokumentler bolup, ýöne oňa degişli programmasy bolmadyk ýagdaýynda hem başga bir arhiwatoruň kömegi bilen ol faýly öňki durkuna getirip bolýar.

**7-zip** programmasy Windows XP degişli däldir. Bu arhiwatory ulanmak üçin ol programmany komýutere ýüklemeli bolýar. **7-zip** programmasy gurnalanda operasion sistemasy bilen arhiwator programmasynyň integrasiýasy bolup geçýär. Netijede obýektleriň kontekst menýusynda goşmaça buýruklar öz belgileri bilen ýüze çykýar.




## A. Täze arhiwi döretmek

WinRAR programmasynyň kömegi täze arhiwi döretmek ýa-da bar bolan arhiwe faýllary goşmak şu aşakdaky yzygiderlikde ýerine ýetirilýär.

Kontekst menýunyň kömegi bilen (arhiwatory işe goýbermezden) täze arhiwi döretmek. Onuň üçin getirilýän yzygiderlik boýunça ýerine ýetirmek zerurdyr:

- Arhiwirlemek üçin faýly (faýllary) ýa-da bukjany bellemeli.
- Kontekst menýuny çagyrmaly we *Add to archive…* buýrugyny çagyrmaly, soňra *Archive name and parameters* penjiresi açylýar. Bir faýly ýa-da bukjany arhiwirlemek üçin arhiwiň adyny saklaýan Add to “*.zip” buýrugyny ulanmak amatly bolýar. Bu buýruk **7-zip** programmasynyň penjiresini açmazdan işi ýerine ýetirýär.
- *Archive name and parameters* gepleşik penjiresine şu aşakdaky maglumatlary girizmeli:
    - *Archive name* - arhiwiň ýoly we ady;
    - *Archive format* – gysylma formatyny saýlamak;
    - Goşmaça mümkinçilikler.
- **[Add]** düwmesine basmaly.

### B. Faýllary arhiwden boşatmak

Faýllary arhiwden boşatmak şu aşakda getirilýän görnüşde amala aşyrylýar:

- Zerur bolan bukjanyň penjiresini açmaly we arhiwden boşatmak üçin faýly bellemeli.
- 1-nji usul – Kontekst menýuny çagyrmaly we *Extract files…* buýrugyny çagyrmaly
  - *Extraction path and options* gepleşik penjiresi açylýar.
  - Destination path  meýdançasynda boşadylan faýllaryň ýerleşmeli ýeri bolan diski we bukjany görkezmeli.
  - **[Ok]** düwmesini basmaly.
- 2-nji usul – Kontekst menýuny açmaly we *Extract here* buýrugyny çagyrmaly, bu ýagdaýda arhiwiň düzümindäki faýllar boşadylyp, häzirki wagtda ulanylýan bukjada ýerleşdirilýär.
- 3-nji usul - Kontekst menýuny açmaly we *Extract to {arhiwiň_ady}* buýrugyny çagyrmaly, bu ýagdaýda arhiwiň düzümindäki faýllar boşadylyp, arhiwiň ady bilen gabat gelýän täze bukjada ýerleşdirilýär.

### C. Arhiwi görmek

Arhiw faýlyny görmek üçin şu aşakdaky getirilýän usullaryň birini ulanmaly:

- Görmek talap edilýän faýla syçanyň kömegi bilen iki gezek yzygiderli basmaly. Bu ýagdaýda faýl degişli programmanyň penjiresinde açylýar.
- Eger başga bir programmada faýly görmeli bolsa, onda arhiwiň faýlyny bellemeli, kontekst menýuny açmaly we Открыть с помощью…buýrugyny saýlamaly, bu sanawdan gerekli programmany saýlamaly.

---

**Soraglary:**

1. Arhiwasiýa prosesi diýip nämä aýdylýar?
2. Arhiwatorlaryň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?
3. Çalt arhiwirlemekň usulyny beýan ediň.
4. Arhiwator bilen nähili operasiýalary ýerine ýetirip bolýar?

**Ýumuşlar:**

1. Iş stolunda bukja dörediň, oňa «Мои документы» bukjasyndan birnäçe faýllaryň nusgasyny göçüriň we bukjany arhiwirläň.
2. Arhiwirlenen faýllary fleşka nusgasyny geçiriň we onuň adyny üýtgediň.
3. Arhiwirlenen faýly «Мои документы» bukjasynda ýerleşdiriň.
4. Arhiwiň düzümindäkilerini şol bir at bilen arhiwden boşadyň.

## VI. Antiwirus goragynyň serişdeleri

Antiwirus programmasy (antiwirus) — kompýuter wiruslaryny we beýleki zyýanly programmalary ýüze çykarmak we ýok etmek, şeýle hem olaryň ýaýradylmagynyň öňüni almak we olar bilen zaýalanan programmalary dikeltmek üçin ulanylýar.
Häzirki zaman antiwirus programmalarynyň esasy ýerine ýetirýän wezipeleri:

- Kompýuter işleýän wagtynda faýllary we programmalary barlamak.
- Edilýän talap boýunça kompýuteri barlamak.
- Internet trafigini barlamak.
- Elektron poçtany barlamak.
- Howply web-uzelleriň çozuşyndan goranmak.
- Zaýalanan faýllary dikeltmek (bejermek).

Şu günki günde birnäçe antiwirus programmalary bardyr, olaryň käbirleri mugtdyr. Olaryň sanyna şu aşakdakylar degişlidir:

- **Avira AntiVir Personal Edition Classic** (http://www.free-av.com)
- **AVG Anti-Virus Free Edition** (http://www.avg.com)
- **Comodo Internet Security** (http://antivirus.comodo.com)
- **Avast! Home Edition** (http://www.avast.com)

**Dr.Web CureIt!** ýa-da **Kaspersky Virus Removal Tool** programmalaryny hem mejbur barlag hökmünde ulanmak bolar. Bu iki programma hem portatiw programma üpjünçiligine degişli bolup, kompýuterde bar bolan zyýanly programmalary ýok etmek üçin ulanylýar. Olaryň ýetmezçiligi bolup, bölekleýin ýüklenmeýär, şonuň üçin her gezekde onuň doly wersiýasyny ýüklemeli bolýar.

**Soraglar:**

1. Wirus diýip nämä aýdylýar?
2. Kompýuteri wirusdan nädip goramaly?
3. Nähili antiwirus programmalaryny bilýärsiňiz?
4. Fleşka bilen işlemek prosesini beýan ediň.
5. Näme üçin antiwirus programmalary ýygy-ýygydan täzelenmäni talap edýär?